***Halk bilen maslahatlaşmak, geňeşmek diňe bir halkymyzyň asylly milli däpleriniň biri bolman, eýsem, demokratik ýörelgelerimiziň hem düýp mazmunydyr. Şu jähetden alanyňda, asyrlaryň dowamynda nesilden-nesle geçip, miras hökmünde sarpalanýan bu milli ýörelgäniň nusgasyny özünde jemleýän, görüm-göreldäniň mekdebi bolup durýan Halk Maslahaty halkyň köňül telwasyna gulak goýmagyň, durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmagyň aýdyň mysalydyr.***

Halk häkimiýetliliginiň, demokratik ýol-ýörelgeleriň dabaralandyrylmagy hut parahatçylykdan gözbaş alyp, halkymyzyň agzybirliginden habar berýär. Şu jähetden, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde Gahryman Arkadagymyz çuňňur mazmunly çykyşynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzyň ähmiýetine ünsi çekmek bilen, halkymyzyň parahatçylyk medeniýetine ýokary baha berdi. Milli Liderimiz: «Bu ýylyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýändigini buýsanç bilen bellemek isleýärin. Bu şygar biziň halkymyzyň parahatçylyga we dostluga, mydama ynanyşyp ýaşaşmaga bolan islegi bilen kemala gelendir. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda döwletimiz tarapyndan öňe sürlen bu başlangyç, elbetde, halkyň ýürek sesidir, arzuw-islegidir» diýmek bilen, «parahatçylyk» düşünjesiniň halkymyzyň baş maksadyna öwrülendigini nygtady.

Parahatçylyk beýik ösüşleriň özenini düzüp, döwletiň berkararlygyny pugtalandyrýar, dünýä ýüzünde bütin adamzadyň bähbidine gönükdirilen ajaýyp başlangyçlary öňe sürmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygyndan, hemişelik Bitaraplygyndan gözbaş alýan beýik başlangyçlar bütin dünýäde uly gyzyklanma eýe bolup, Watanymyzyň halkara abraýyny belende göterýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde döwletli çözgütler bilen bir hatarda, «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň kabul edilmegi hem parahatçylyk söýüjilikli ýörelgelerimiziň döwrebap mazmunda durmuşa geçirilýändigini alamatlandyrýar.

Görnüşi ýaly, tutumly işleriň, asylly ýörelgeleriň mundan beýläk-de üstünliklere beslenmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ähmiýeti örän uludyr. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzda geçiriljek ählihalk forumy döwletimiziň we jemgyýetimiziň ösüşiniň, agzybirligiň we jebisligiň nobatdaky nusgasyna öwrüler. Goý, milli demokratik ýörelgelerimizi bütin dünýäde dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Aýnagözel ATAÝEWA,**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026